***Bu barada düýn, 20-nji iýunda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde habar berlip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan Beýik Britaniýanyň «Fitch Ratings» agentliginden halkara reýtingi almak boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi.***

Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 16-njy iýunynda ýurdumyzyň bu bankyna «BB- durnukly» reýting derejesiniň kesgitlenendigi baradaky hoş habaryň gelip gowşandygy aýdyldy. Agentligiň maglumatynda Türkmenistanyň maliýe durnuklylygynyň ýokary derejesi we uly möçberde ätiýaçlyk serişdeleriniň bardygy bellenilýär. Şunuň bilen birlikde, Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň maliýe-bank işjeňligi gowy bahalandyrylyp, tölege ukyplylygynyň ýokary derejesi beýan edilýär hem-de onuň maliýe serişdeleri boýunça ýurdumyzyň iri banklarynyň biridigine üns çekilýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026